**TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE MINISTRLIGI**

**MINISTRY OF FINANCE OF TURKMENISTAN**

744000, Türkmenistan, Aşgabat ş., 2008 Koç., 4,
Tel.: 51-05-63; faks: 51-08-41
e-mail: omeft@online.tm

744000, 4, 2008 str., Ashgabat c., Turkmenistan
Phone: 51-05-63; fax: 51-08-41
e-mail: omeft@online.tm

«25» oktýabr 2013 ý. № 10/3607

**Ministrliklere we pudak edaralaryna**

**Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň
Baş maliýe müdirliklerine**

„Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda“ Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran „Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda“ 11139 belgili kararyna laýyklykda, kredit edaralary 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna geçmegi, ykdysady subýektler (kredit edaralaryndan başgasy) 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap tapgyrlaýyn, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmäge, maliýe hasabatlylygynyň düzülmegine we berilmegine doly geçmegi amala aşyrýarlar.

Döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň we guramalarynyň esasy serişdelerini buhgalterçilik hasaba alnyşynda hasaba almagy kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda „Buhgalterçilik hasaba alnyşynda hasaba almak üçin esasy serişdeleriň gymmatyny bellemek hakynda“ 13265 belgili karary kabul edildi.

Şu karara laýyklykda, Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna we onuň ýörelgelerine laýyk gelýän milli ulgama geçen döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň we guramalarynyň buhgalterçilik hasaba alnyşynda hasaba almak üçin esasy serişdeleriniň gymmatynyň iň az möçberini durmuş töleglerini we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary hasaplamak üçin kesgitlenen binýatlyk mukdarynyň on dört essesi möçberde bellenildi.

Ýokarda beýan edilenleri işde gollanma hökmünde öz tabynlygyňyzdaky edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň dykgatyna ýetirmegiňizi haýyş edýäris.

**Ministriň orunbasary** **R. Nurýagdyýew**

Ýerine ýetiriji: R.Annadurdyýew
39-44-33